# Pederlerimiziň ynanjy hem yslam

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 21 января, 2025
Pederlerimiziň ynanjy hem yslam PEDERLERIMIZIŇ YNANJY HEM YSLAM



Nemes akyldary Gýote: “Din – ynanç-ygtykat däl. Ol halkyň-her bir halkyň wekilleri bolan adamlaryň haýsy dine ynanýandygyna garamazdan, din adamlaryň janydyr-ganydyr, özüdir” diýip, halkyň dini ynanjyna gaty jaýdar kesgitleme beripdir. Şonuň üçin dünýä ýüzündäki halklaryň her biri haýsy dine ynanýandygyna garamazdan, şol halkyň mukaddes ynanjydyr. Şol sebäpli islendik halkyň dini ynanjyna pitjiň atmaly däl. Türkmen halkynyň yslam ynanjy pederlerimiziň pähim-paýhasyna

ýugrulan ynançdyr. Pederlerimiziň yslam ynanjy Ymam Agzamyň esaslandyran sünni mezhebinden gözbaş alyp gaýdýar. “Medinede Muhammet, Türküstanda Hoja Ahmet” diýen beýik derejä mynasyp bolan Hoja Ahmet Ýasawynyň ylma ýugrulan hikmetleri pederlerimiziň dini ynanjynyň sütünine öwrülipdir. Molla Töre ahunyň, Ak işan ata ýaly pirleriň berjaý eden dini däp-dessurlary türkmeniň peder paýhasyna ýugrulan ynanjynyň üstüni ýetiripdir. Pederlerimiz hiç haçan dini syýasata öwürmändir. Halkymyzda başga dinlere bolan ýigrenç ýok.

Türkmen edebiýatynda hem XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap, Nurmuhammet Andalyp, Döwletmämmet Azady ýaly nusgawy şahyrlarymyz öz ene dilimizde ahlak-didaktiki eserlerini ýazypdyrlar. XVIII asyryň ikinji ýarymyndan soňra, nusgawy şahyrlarymyz umumy türki halkyna mahsus häsiýetdäki eserleri döretmekden el çekdiler. Hatda Döwletmämmet Azadynyň umumy ahlak temasyndan ýazan “Wagzy-Azat”, “Bäş namaz” ýaly eserlerinde hem türkmençilik däpleri mese-mälim bildirip durdy. Magtymgulynyň kakasy hem ylym atasy Döwletmämmet Azady eserlerini türkmen üçin ýazýandygyny özüniň “Behiştnama” eseriniň soňunda şeýle beýan edýär:

*Jahanda köp durar şöwketli molla*
*Araba, parsyga kuwwatly molla,*
*Olaryň bilgenini ermedik biz,*
*Heman söhbetlerini görmedik biz.*
*Görüp aýp etmesinler nazmy-leňňi,*
*Tutup bahs, urmasynlar bize jeňňi.*
*Bizem bilgen nesihat-pendi, eý ýar,*
*Bu türki ýarymyza kyldyk yzhar.*

Yrak derýa suwundan bolmaz-a sut,
Diledi bilmeý olar biz-de maksut.

Ulama şahyr Döwletmämmet Azadynyň tassyklamagyna görä, jahanda, arap-parsda ylymly (kuwwatly), dilewar (şöwketli) molla ( molla bu ýerde yslam alymy manydadyr. D.Ý.) köp. Emma arap-pars halklarynyň ylym söhbetini türkmenler diňlemändikleri üçin, olaryň diýenlerini etmeýär ekenler. Azady dünýädäki, arap-parsdaky mollalaryň onuň ýazan eserini görüp, dawa-jenjel etmezliklerini isläpdir. Ol arap-parsyň kuwwatly mollalarynyň türkmeniň ylymly bolmagy üçin,

peýdasynyň ýokdugyny, uzakdaky derýanyň teşnä peýdasynyň ýokdugy bilen deňeşdirip düşündiripdir. Şol sebäplem Azady “Behiştnama” eserini öz türki (Türki bu ýerde türkmen manysyndadyr. D.Ý.) iline bagyş edendigini aýratyn nygtapdyr. Şeýlelikde, XVII asyryň ahyryna XVIII asyryň birinji çärýeginde emele gelen türkmen nusgawy (türkmen-çagataý nusgawy edebiýaty. D.Ý.) edebiýaty türkmen durmuşynyň iň wajyp meselelerini çeper edebiýatyň obýekti hökmünde beýan edipdir. Döwletmämmet Azadynyň “Wagzy-Azat” eseri ahlak-didaktiki eser. Magtymgulynyň halypasy bolan atasynyň bu eserinde perzendiň-ene-atasy, ulynyň-kiçi bilen gatnaşyklary gaty aýyl-saýyl beýan edilipdir. Hatda Azady “Wagzy-Azat” eserinde halkyň döwlet bilen gatnaşygy, adalatly şa meselesini gözgap, özüniň dana maslahatlaryny beripdir. Bu maglumatlar pederlerimiziň gadymdan gelýän halk paýhasynyň türkmen edebiýatynda şöhlelendigini subut edýär. XVIII asyryň ikinji ýarymynyň başlaryna halk paýhasyndan gözbaş alan nusgawy edebiýatymyz kämil derejä çykdy. Şeýlelikde, Nurmuhammet Andalyp, Döwletmmämet Azady ýaly nusgawy şahyrlarymyzyň edebiýatda ak pata bermegi bilen peder paýhasymyzdan kemala gelen ahlak kadasy emele geldi. Pederlerimiziň asyrlardan geçen kämil paýhasy türkmeniň yslam ynanjyna esas boldy. Türkmeniň yslam ynanjy ulama şahyr Döwletmämmet Azadynyň tassyklaýşy ýaly, arap-parslaryňka meňzemeýän peder paýhasynda kemala gelen kämil dini ynançdyr. Şonuň üçin Azady “Bäş namaz”, “Behiştnama” atly eserinde yslam dininiň pelsepesini türkmençilik nukdaýnazardan beýan edipdir.Peder paýhasyna ýugrulan türkmeniň dini ynanjy hakynda uzak söhbet edip bolar. Ýöne ynanjymyzyň iň esasy şu prinsiplerini aýtsagam pederlerimiziň dini pelsepesiniň örän progressiw biolandygyna doly göz ýetireris. Muhammet pygamberiň yslamyň sünni amaly hasaplap berjäý eden edep, ahlak ýörelgelerini pederlerimiz özleriniň milli düşünjelerine laýyklap, kämil berjaý edipdirler. Aslynda pederlerimiz yslamdan öňem Zaratuştranyň wagyz eden “Awesta” kitabynyň üsti bilen ýekehudaýlylyk dinine uýupdyrlar. Köp adamlar Zaratuştranyň wagyz eden dini otparazçylyk diýip düşünýär. Emma bu ýalňyş, Zaratuştra ýeke

Hudaýlyk dinini wagyz edipdir. Zaratuştranyň wagyz eden Hudaýynyň ady Ahuramazda. Dogry, Zaratuştranyň ýeke Hudaý bolan Ahuramazdany wagyz eden zamanynda Eýran-Turanda otparazçylyk ynanjynyň täsiri gaty uly ekeni. Şonuň üçin “Awesta” kitabynda hem oduň mukaddesdigi barada birnäçe ýerde agzalyp geçilýär. Emma muňa garamazdan, Zaratuştranyň “Awesta” kitabynyň üsti bilen ýeke Hudaýlyk dinini wagyz edendigini bilmegimiz gerek. Taryhy maglumatlarda “Awesta” kitabynyň on iki müň öküziň hamyna ýazylyp ýaýradylandygy aýdylýar. Şu maglumatdan çen tutanyňda “Awesta” kitabynyň möçberi mukaddes Gurhandan azyndan 10-12 esse uly ekeni. Aleksandr Makedonskiý Eýran-Turany basyp alanda, “Awesta” kitabyny hemme ýerde ýakyp ýok etmegi buýrupdyr. Emma bu zalym patyşa “Awesta” kitabynyň ideýasyny halkyň kalbyndan ýok etmegi başarmandyr. Şonuň üçin pederlerimiziň esaslandyran Parfiýa şalygy zamanynda halkyň ýadyndaky “Awesta” kitaby gaýtadan bir ýere toplanyp, bu kitabyň üçden bir bölegi dikeldilipdir. Araplar VII asyryň ortalaryna Eýran-Turany basyp alynça, Zaratuştranyň wagyz eden ýeke Hudaýlyk dini bu topraklarda esasy din ekeni. Şol sebäpli yslam gelmezinden owalam pederlerimiz üçin ýeke Hudaýlyk dini tanyş ekeni. Pederlerimiz Zaratuştranyň wagyz eden ýekehudaýlylyk dinindäki ynançlaryny, adatlaryny yslam dinine hem ornaşdyrypdyrlar. Her ýyl pederlerimiz Nowruz baýramynda günä dökmek diýip, uly ot ýakyp oduň üstünde hiňňildik uçupdyrlar. Nowruz baýramçylygynda çagalar öýin-öýin aýlanyp, nowruz aýdymlaryny aýdyp, nowruzyň gelýändigini buşlapdyrlar. Pederlerimiz çagalaryň nowruz söýünji aýdymyna hoşallyk bildirip, olara söýünji toý paý beripdirler. Yslamyň ornaşdyrylmagy bilen hiňňildik uçmak gurbanlyga geçirilip, edil gadymy pederlerimiziň ynanjy ýaly günäň dökülýär hasaplanypdyr. Çagalaryň ýarymezan aýtmagy bolsa Oraza tutmagyň buşlukçysy bolup ýaňlanypdyr. “Awesta” kitabynda her aýyň her gününiň öz ady bolup, günler sähetli we sähetsiz günlere bölünipdir. Türkmeniň maşgala, jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky däp-dessurlarymyzyň, urp-adatlarymyzyň yslam dini bilen hiç bir baglanyşygy ýok. Ýöne ol däp-dessurlarymyz, adatlarymyz yslam ynanjyna kybap getirilip dowam etdirilipdir.

Merhuma aýat-dilegler Gurhanyň aýatlary bilen okalypdyr. Nika gyýlanda hem “Awesta” kitabyndan okalan dogalar Gurhan aýaty bilen çalşyrylypdyr. Hatda merhumyň patasynda ýedi gün oturyp, aradan çykanyň üçüni-ýedisini, soňra aýyny, kyrkyny, ýylyny bellemegem pederlerimiziň gadymy däbiniň kämilleşdirilen dowamydyr. Pederlerimiziň günleri sähetli-sähetsiz diýip, yrym etmegi häzirem “Ýyldyzy soramak” bilen dowam etdirilýär. Şonuň üçin halkymyzyň gadymy, döwrüň synagyndan geçen ynançlary, däp-dessurlary, adatlary yslam dinine uýgunlaşdyrylypdyr. Türkmeniň yslama uýmak ynanjy şek-şübhesiz pederlerimiziň milli däp-dessurynyň, urp-adatynyň döwrebap dowamydyr. Şeýlelikde, peder paýhasyna ýugrulan däp-dessurymyz, dini ynanjymyz şu günümize gelip ýetdi. Mundan beýlägem pederlerimizden miras galan türkmençilik däbine ýugrulan yslam ynanjymyzy goramak biziň mukaddes borjumyzdyr.

Döwletmyrat ÝAZKULYÝEW. Edebi makalalar